# Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy -24: Şahyrana şahsyýet -2

Category: Goşgular,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 22 января, 2025
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy -24: Şahyrana şahsyýet -2

5.

Lirikanyň gaýtadan dikeldilen esasy, pikirleniş usullarynyň biri-de gapma-garşylykly pikirlenmedir. Gapma-garşylyklaryň esasynda pikirlenme örän gadymy döwürlerden bäri edebiýatda ulanylyp gelýär. Ýewropa ezeli edebiýatynda oňa «azianizm» diýipdirler. Bu adalgadan çen tutsaň, Günbatara bu hili şahyrana pikirlenme Gündogardan barypdyr. Onuň asly dünýäni, barlygy iki sany gapma-garşy düşünjelere bölen «Awestadan» gaýdýar.
Gapma-garşylykly pikirlenme Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döredijiliginde şahyrana pikirlenmäniň we şygryýetiň esasy düzgüni derejesine ýetirilendir.

Astyň – genji-känim, üstüň – hazynam,
Gündizler – şirindir, gijeler – şeker.
Taýpaň – köpdür, iliň – birdir.
Dagyňdan – bal akýar, düzüňden – şerbet,
Gündizi – eşretdir, gijesi – jennet.
Nesýeden el göçer, nagtyň zähmetde,
Daglary – altyn zer, çölüm – hum boldy.
Sag golunda – azal, solda – galamdyr.
Watan – jigerdedir, howala – serde,
Ruhlar – arşda, göwün galkynýar ýerde.
Kyblam kakamdyr – Watan,
Käbäm ejem – Diýarym,
Watan, saňa şirin janym, din-imanym bagş etdim.
Gelsem – beýik maksadym, gitsem – pikir-hyýalym,
Watan, saňa bütin ömrüm: bar zadymy bagş etdim.

Diňe şu getirilen mysallaram gapma-garşylykly pikirlenmäniň şahyryň çeper pikirlenmesiniň içki aýratynlygyna, onuň dünýäni görüşiniň esasy düzgünleriniň birine öwrülendigini aýan edýär. Ol wagtdyr giňişligi hem, adamyň ahwalatyny hem gapma-garşy terzde görkezýär. Şu hili pikirlenmäniň mazmun tarapdanam, görnüş taýdanam kämillik derejesini aňladýandygyny aýtmak gerek. Mazmun jähetinden ol şahyryň aňlatjak bolýan pikirini – hakykatyny gutarnyklylyk, çözgütlilik artykmaçlygy bilen üpjün edýär. Pikir kesgitli, gutarnykly bir zada öwrülýär. Bu okyjyda özboluşly gözellik we paýhas kanagatlanmasyny döredýär. Görnüş jähetinden iki sany gapma-garşylyk tarapynyň tekrarlanmagy özboluşly sazlaşygy döredýär. Munuň özi setirlere täsin akgynlyk hem-de owazlylyk berýär.
Şahyrana pikirlenme Günbatarynam, Gündogarynam klassykalarynyň ählisinde derejeli görkezijisi bolupdyr. Biziň özümizde gapma-garşylyk düzgüni sopuçylyk edebiýatynyň baş hususyýeti hökmünde kemala gelendir. Hut şonuň üçinem, ol Magtymgulynyň döredijiliginiň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Günbatarda bolsa miladydan öňki III asyrda uly hadysa bolup döreýär. Orta asyrlarda dini-realistik ruhuň görnüşi hökmünde, klassisizmde adam – ruhunyň gapma-garşylygyny suratlandyrmagyň düzgüni, romantizmiň şygryýetinde bolsa adam – dünýä garşy çykmagyň çeper-estetiki aňladylmasy hökmünde ýaşapdyr. Bu maglumatlaryň bary Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şahyrlyk ussatlygynyň dünýä şygryýetiniň aýtymynda has agramly görünýändigini alamatlandyrýar.

6.

Beýik Serdaryň şahyrana şahsyýetiniň dünýägaraýyş-ahlaky kämilliginiň bir žanr hadysasy-da mynajatdyr. Mynajat XX asyr türkmen şygryýetinde asla ulanylmadyk, hiç hili orun tapylmadyk nusgawy žanrdyr. Çünki ol XX asyryň ateistik dünýägaraýşyna sygyp biljek däldi. Aslynda ruhy hadysa bolan mynajat ynanç-iman bilen baglanyşyklydyr. Musulmançylykda ýekelikde Hudaýa ýüzlenilip okalýan dogany mynajat atlandyrypdyrlar. Düýpli hem örän çuňňur bu ruhy hadysa özüniň

gözellik aňladylmasyny tapyp, kem-kemden söz sungatynyň bir žanryna öwrülip gidipdir. Mynajat özüniň asyl tebigaty boýunça lirika sungatyna juda jaý gelýär. Liriki gahryman Allanyň öňünde «içini dökýär», eden etmiş-günäleri üçin ötünç soraýar, toba edýär. Ýa-da ol haýsydyr bir niýetine, arzuwyna ýetmekde Alladan medet, ýardam dileýär. Kähalatlarda bolsa onuň hatda Hudaýdan zeýrenäýmegi-de, nägilelik, ynjy bildiräýmegi-de ahmaldyr. Garaz, düýp tebigaty boýunça mynajat monologik sözdür. Ikinjiden, Alla bilen gaýybana ýüzbe-ýüzlük, ikiçäklik özboluşly pynhanlygy döredýär. Köne sopular bu pynhanlyga «hylwat» diýit at beripdirler. Hut lirika-da pynhanlyga ýugrulandyr. Ýaradan bilen ikiçäklik – bu bir geň hem täsin dünýä. Hylwatylyk gahrymana hemmeden, käte hatda özündenem gizläp saklan syrlaryny açmaga ruhy-psihologik esas bolup hyzmat edýär. Üçünjiden, Hudaýyň dergähine baran kişi akyl subutnamalaryna, akyl-paýhas delillerine däl-de, ruhy-emosional tutaryklara ýüzlenýär. Allanyň öňünde akyl däl, göwün bilen aklanmaly. Göwün bolsa duýgularyň, heserlenmeleriň mesgenidir. Belli bolşy ýaly, lirika sungatynda-da mazmuny hut duýgular kemala getirýär. Lirika – dünýäni çeper suratlandyrmak.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şahyrana şahsyýetiniň esasy bir sypatyny kemala getirýän mynajat liriki gahrymanyň emosional we intellektual hususyýetiniň kesgitleýjisidir. Ol şahsyýet Allanyň dergähine baran, gaýybana hylwatylyk netijesinde ruhy-ahlak kämilleşmäge ukyply şahsyýetdir. Ol – sözüň hakyky manysynyň bütin çuňňurlygynda we doly degişliliginde imanly şahsyýetdir.

Beýik Şahyryň mynajatlarynda liriki gahrymanyň şahsyýetiniň iň ajaýyp sypatlary aýan bolýar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy nusgawy žanr bolan mynajatyň çeperçilik tebigatyny düýpgöter üýtgetdi. Öňki edebiýatymyzda mynajatçy Hudaýa diňe öz şahsy gaýgy-hasraty, şahsy aladalary bilen barýardy. Elbetde, lirikanyň umumyadamzat ähmiýetliligi sebäpli şeýle mazmunyňam okyjy üçin täsiri bardy. Okyjy liriki «mende» özüni, onuň ruhy güzaplarynda öz güzaplaryny görýärdi. Ýöne biziň Beýik Şahyrymyz mynajatyň mazmun-mowzuk örüsini bütinleý üýtgedip,

içine «menden», Alladan başga üçünji şahsy-da girizdi. Ol şahs – türkmen milletidir. Öňki mynajatçylardan tapawutlylykda Beýik Ruhata Allanyň huzurynda öz şahsy arz-u-halyny däl-de, milletiniň arzyny, milletiniň agyran-ynjan ýerini aýdýar. Ol özüniň däl-de, milletiniň gam-gussasyndan, geçmişdäki kösençlerinden söz açýar. Ol Allanyň öňünde öz milletiniň aklawçysy – taryhy aklawçysy bolup çykyş edýär.

Rehm eýle,
        Rehm eýle,
                Rehm eýle, Rebbim!
Türkmen ýülük ýaly ajap milletdir.
Datlydyr – gülabyň gylawy ýaly,
Otludyr – ojaryň alawy ýaly,
Ýitidir – gylyjyň ýalawy ýaly,
Türkmen – dünýä nusga bolup biljekdir!
Sapar galkýar halkynyň gadam urup barşyndan,
Daglar çarbaga döner hyrujyndan-hyrşyndan.
Zeminden döwlet tapdym, parasat ber arşyňdan,
Arşyňdan ber türkmeniň paýhasyn, Perwerdigär!

Mynajatlaryň täze mazmuny bir zady görkezýär – Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň şahyrana döredijiliginde özboluşly žanr gatyşyklary bolup geçipdir. Onuň mynajatlarynda zar-zelillik äheňleri aýrylyp, howalalylyk, ruhanalyk hem-de belent umyt esasy äheňlere öwrülipdir.

7.

Gürrüňiň hususy edebiýatşynaslyk häsiýetine eýe bolup barýandygyna garamazdan, biziň üçin esasy mesele – Beýik Serdaryň şahyrana şahsyýetidir, onuň eserlerinde şahsyýetiň haýsy sypatlarynyň aýan bolýandygynyň meselesidir. Hut ýokarky žanrly pikir ýöretme-de şol tarapdan ähmiýetlidir. Olary umumylaşdyryp, şahyrana şahsyýet jähetine geçirsek, şeýle diýmelidiris: Beýik Serdaryň ruhubelent, ruhy taýdan gaýduwsyz, ynamly hem umytly liriki gahrymany bar. Onuň kalbyny joşdurýan, ony heýjana salýan, onda ylham döredýän

ähli many hem gözellik türkmen milleti bilen baglanyşyklydyr. Millet söýüjilik bu şahyrana şahsyýetiň baş sypatydyr. Milletine bolan söýgi onda şeýle gözel duýgulary, mähir-muhabbeti, şeýle täsin ýürek owazlaryny, şeýle süýji hem mylaýym liriki äheňleri döredýär weli, munuň özi tutuş lirika sungatynyň tebigatyndaky täzelik diýip oýlanýarsyň. Çünki şondan ozal liriki mazmun şahsy agyry-ynjydan, şahsy guwanç-şatlykdan gözbaş alýardy. Bu ýerde bolsa şahyrana şahsyýetiň ahyrky netijede subýektiw, hususy gymmatlygyna eýe bolýan duýgular içden däl-de, daşdan – Watandan, milletden, halkdan gelýär. Şahyrana şahsyýetiň ahwalatyny milletiň bähbitleri we söýgüsi bilen baglanyşykly zatlar kemala getirýär. Şahyrana şahsyýet – milletiň «menleşmegi» we millet – şahyrana şahsyýetiň subýektiw barlygynyň ählumumylaşmagy, obýekte ýaýramagy bolup durýar. Bu iki barlygyň arasyndaky gymmatlyk barabarlygy kemala gelýär. Bu ýerde liriki «men» diňe bir şahsyýetiň däl, tutuş milletiň keşbidir.
Munuň özi, elbetde, lirikanyň subýektiw häsiýetini aradan aýyrmaýar. Bu ýerde başga bir hadysa bar: Beýik Serdaryň liriki gahrymany bilen milletiň arasyndaky gatnaşyk, mynasybet mukdar däl-de, hil gatnaşygydyr. liriki «men» milletiň bir bölejigi däl-de, milletiň ruhy jemi, ruhy syratydyr we ruhy suratydyr.
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň eserlerini nusgawy derejesine ýetirýän zat – olaryň bütin görnüş aýratynlyklarynyň öňki klassykanyň çeper kada-kanunlarynyň çäginde emele gelýänligindedir. Bu goşgular özleriniň umumy gurnalyşy boýunça XX asyrdan öňki şygryýetiň gözellik kanunlaryna doly laýyk gelýär. Munuň göze görnüp duran alamatlary hökmünde, hususanam, başky bentde çagyryş, ýüzlenme görnüşinde özüňe, iliňe, millete, milletine ýüzlenmek, ony haýsydyr bir gymmatlyklara çagyrmak ýaly halatlary belläp geçmek bolar. Şeýle çeper halatlar, ylaýta-da, Magtymgula köp mahsusdyr. Şahyryň milletiň gulagy öwrenişen äheňlerde, milletiň düşünýän görnüşleriniň dilinde gürläp bilmegi ony diri klassyk derejesine ýetirýär.
Bu zatlaryň bary ýöne bir şygryýetiň däl-de, eýsem şahyrana

şahsyýetiň meseleleridir. Mynajatdan soň has ýörgünli žanr görnüşi Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döredijiliginde wagyzdyr. Bu iki žanryň aňyrsynda bolsa onuň durmuşdaky şahsyýetiniň iki sypaty – Weliligi hem-de Pygamberligi ýatýandyr. Kim Hudaýa hylwaty gürrüň-mynajat bile ýüzlenmäge, Hakyň dergähinde söz açmaga hakly?! Elbetde, Hudaýyň dosty, ýagny, weli haklydyr. Beýik Serdaryň milletiň aklawçysy, milletiň ýüzüniň tuwagy hökmünde çykyş edýän mynajatlary-da nusgawy bir däbe laýyk gelýär: baryp, biziň köne welilerimiz, keramatly kişilerimiz üçin Allanyň öňünde güwäçi, kepil, delil, şaýat bolmak ornunda durmak häsiýetli orun eýeläpdi. Hut şeýle hyzmaty üçinem ata-babalarymyz Gorkut ata ýaly keramatly pirlere, öwlüýälere (ýagny, welilere) ýykylmagy özlerine adat edinipdirler. Türkmeniň «Ýykylsaňam, uludan ýykyl» nakyly-da şol pirlere, olaryňam ulusyna ýykylmak, olardan Hudaýyň öňünde araçy bolmak dilegini etmek baradadyr. Ýöne pir, onda-da uly pir, weli bolmak her kimiň elinden gelýän iş däl. Welilige ýetmek üçin Allanyň didaryny görüp bilmek zerur hasaplanypdyr. Hudaýyň didaryny bolsa diňe «hal» ýagdaýyna düşen weliler görüp bilipdirler. «Hal» adalgasy biziň nusgawy sufizmimizde iň köp işlenilen düşünjeleriň biridir. Hal – özboluşly psihiki, hatda parapsihologik hadysadyr. Şonda weli, keramatly şahs wagtyň çäginden çykyp, wagtyň aňyrsyndaky dünýewi barlyga geçýär. Ol barlyk bolsa Allanyň dünýäsidir. Ýönekeý halkyň dilinde muňa Hakyň didaryny görmek diýilýär. Magtymgulynyň «Düýş» diýlip berilýän şygyrlary göni manysyndaky düýş däldir, ýok, Magtymgulynyň «Düýş» diýýäni «hal» ýagdaýyna düşüşini suratlandyrýan goşgulardyr. Olarda şahyr täsin ruhy-psihologik başdangeçirmeleri beýan edýär.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň döredijiliginde-de halkyň ruhy howalasyny beýan edýän goşgular, setirler köp. Ýöne onuň «haly» köne welileriňkiden ruhy ahwalatyň tebigaty taýdan örän tapawutlanýar. Biz bu meselede – şahsyýetiň weliligi meselesinde hem aňyýetimizde bolup geçen üýtgeşikligi görýäris. Beýik Türkmenbaşyda «hal» – munuň özi milletiň beýikligine göz ýetirmek pursatydyr. «Göz ýetirmek» gelip

çykyşy boýunça «haldan» gaýdýar. Ony biz köplenç, «akyl ýetirmegiň» manydaşy diýip ulanýarys. Emma akyl ýetirmek – rasional bilmegi, göz ýetirmek – intuitiw bilmegi aňladýar. Türkmenbaşyda hal – çuňňur akyldarlyk – akyl ýetiriş pursatydyr. Çuňňur intellektual çalyşmalar arkaly Beýik Ruhatamyz milletiň beýikligine biziň hiç birimiziň görüp bilmeýän derejämizde göz ýetiripdir. Ýöne, belli bir pursatda, şol intellektual hyjuwlar birden dömüp çykyp, intuitiw tebigatly täsin hadysa öwrülipdir. Munuň özi ruhy gudratdyr. Beýle zatlar sap ylmy açyşlaryňam hemrasydyr. Sapagyndan tänen alma kellesine gaçan Nýuton, ýa-da suwa düşmek üçin wanna giren Arhimed, ýa bolmasa düýşünde tablisa gören Mendeleýew şeýle «hal» ýagdaýyna düşenlerdir. Hal şeýle ýagdaýda intellektual energiýanyň toplanyp-toplanyp, birdenem dömüp çykmagydyr, şahsyýetiň aňynyň wagtyň çäginden biwagtlyga çykmagydyr.
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň welilik sypatynyň ýüze çykmasy bolan «hal» arkaly ruhy gözýetirme hadysasy aşakdaky setirlerde beýan edilipdir:

Aslyýete çümüp gitdim, gördüm köşgi-eýwany men,
Garaşsyzlyk bagta ýetip, tapdym gadym seýrany men,
Hakyň dergähinde bolup, gördüm bäş ruh eýýamy men,
Doga kylyp her kümmede, galmyşam zynhar içinde.

Ýa-da:

Eziz halkym, saňa ýaýaýyn syrym,
Alnyňda ajaýyp zaman görüp men.
Alna togap eýle Altyn asyryň,
Altyn geljegiňi aýan görüp men.

Şeýle setirlerde onuň welilik syrlary açylýar. Şahyrana şahsyýetiň esasy sypaty bolan welilik, keramatlylyk şahyrlyk bilen baglanyşdyrylýar. Şahyrana welilige «hakdan içmek» diýlipdir. Şonda şahyr dünýäniň syrlaryna akyl ýetirişiň alamaty bolan şerapdan içýär. Asyl türkmen düşünjesinde şahyrlyk bilen welilik bir zatdyr. Hakdan içmezden, ýagny weli

bolmazdan şahyr bolmagam mümkin däldir. Elbetde, her kim goşgy goşup biler, ýöne aslynda, ilki bilen welilik berilmese, ol diňe söz oýnatmak işi bolup galar. Şeýle düşünjä gulluk eden ata-babalarymyz şahyra keramatly şahs hökmünde garapdyrlar. Munuň özi şahyrana şahsyýete tüýs türkmençe düşünilişdir.
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» diwany şahyrana şahsyýet meselesinde bize bir täsinligi açyp berdi. Kitapda türkmeniň Oguz han, Gorkut ata, Görogly, Magtymguly ýaly beýikleriniň eýýamlary çeper suratlandyrylýar. Olaryň şahsyýetleri-de, eýýamlary-da öňden mälim däl rowaýatlar, hekaýatlar arkaly dikeldilýär. Eger, olara siňe seretseňiz, bir zada göz ýetirersiňiz: bu şahsyýetleriň hemmesi Beýik Türkmenbaşynyň ruhy keşbidir. Ruhatamyz diňe bäş eýýamy açyjy däl, eýsem olary döredijidir hem.
Biziň milli ruhy baýlyklarymyz bolan «Oguznamalary», ylaýta-da, iň gadymy oguz elipbiýinde ýazylan «Oguznamany», «Gorkut ata» kitabyny, «Görogly» şadessanyny okan okyjynyň gözüne bir täsinlik hökman görnendir: ol eserleriň kalbyňy heýjana salyjy gözelligi, olarda suratlandyrylýan durmuşyň owadanlygy, kir-kimirsizligi, alyslygy hem-de terligi akylyňy haýran edýär. «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» diwany şol gözelligi hem-de terligi biziň milli kalbyýetimize gaýtaryp getirdi. Bu diwanda türkmen milli ruhunyň iň asylbaşky terligi, päkizeligi, çeşme suwy kimin arassalygy hem-de asman kimin elýetmezligi bar. Ruhuň şu hili täzeden açylyşynyň, şu hili täze açyşynyň, biziň düşünişimizçe, diňe bir milli däl, eýsem umumyadamzat taryhy ähmiýeti bar.
Pikiri düşündirmek üçin, XX asyryň beýik nemes akyldary M.Haýdeggeriň pelsepesine ýüzleneliň. M.Haýdegger Ýewropa galkymynyň Platondan başlanýan paýhas ýoluny nädogry ýol hasaplaýar. Çünki Platondan başlap, Ýewropa paýhasy daşky dünýä bilen gatnaşygyň esasy usuly hökmünde howaýy-mantygy akyl ýetirmäni öňe sürüpdir. Munuň özi, ahyrky netijede, adamzadyň daşky dünýä-tebigat bilen özüni aýrybaşgalaşdyrmagyna, adamyň özüni dünýä garşy goýmagyna getiripdir. Bu Ýewropa aňynda obýekt bilen subýektiň garşy goýulmagynda ýüze çykýar. Aristoteliň düşünjeleri, düzgünleri

Ýewropa pelsepesiniň ähli düşünjeleri barlyga adam erkindäki serişde hökmünde garamagy göz öňünde tutýar. Ýewropa adamy şol akyl serişdeleri arkaly barlyga «zorluk edýär». Dünýäni akyl ýetirişiň tejribesine, akylyň oýunjagyna öwürýär. Adam dünýä «zat» hökmünde garaýar. Dünýä bilen ara şum araçäk, şum aradaşlyk düşýär. Şeýdibem dünýä özbaşyna, adam bolsa özbaşyna ýaşaýan dürli iki ontologik barlyklara öwrülýär. Munuň ruhy netijesi bolsa adamyň dünýäde özüni ýat duýmagy, ýekesiremegi, dünýä ýaşaýşyny özüne bigäne bir barlyk hökmünde kabul etmegi bolup durýar.
Bu şum ykbaldan çykmagyň ýoly diýip filosof asylbaşky adamzat ýaşaýşyna – mifologik aňyň ýaşaýyş döwrüne gaýdyp gelmegi ündeýär. Hut asylbaşky aň adamzadyň dünýä bilen bitewülikdäki ýaşan döwrüdir. Howaýy akyly öňe sürmek bilen Platon mifologiýany abstrakt pikiriň derňewine sezewar edip, bölek-bölekläpdir.
Akylyň öňe sürülmegi, adamzadyň tilsimat ukyplarynyň ösmegine alyp gelipdir. Emma bu onuň tebigatdan hasam daşlaşmagyna, men – döredijі diýen men-menliginiň peýda bolmagyna getiripdir. Aslynda bolsa adamzat täze barlygy däl-de, täze dünýäni däl-de, eýsem bary-ýogy özünden täze zatlary döredijidir.
M.Haýdegger çykalga hökmünde akylyň tilsimlerinden ýüz öwrüp, nyşanlara – bitewi ruhuň diline dolanmagy dogry tapýar.
Ine, biziň milli eserlerimiziň owadanlygynyň düýp esasynda dünýä bigänelik, asly ýatlyk hökmünde däl-de, adamzada mähriban bir höwürtge, ojak, watan hökmünde garalýanlygy ýatýar. «Gorkut atanyň kitabynda» gahrymanlar tebigatyň goýnunda ýaşaýarlar, olar üçin hemme zat janly, hemme zat şahsyýet, hemme zada olaryň mähirli intim gatnaşygy bar. Olar suwa-da, ösümlige-de, börä-de, ite-de edil «adam» ýaly garaýarlar. «Görogly» şadessanynda hem gahrymanyň Ýyldyz dagyna, Araz çaýyna şeýle gatnaşygy bar.
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» kitaby bize bu günki gün diňe bir Ýewropa medeniýetine däl, bütin adamzada ýetmezlik edýän şol asylbaşky ruhy ýaşaýşy gaýtaryp berdi. Onda şahyr dürli-dürli tymsallar, nyşanlar arkaly ýaşaýşyň asylbaşky bitewüligini, owadanlygyny hem-de

serginligini dikeltdi.

Sallanşyp ýöränden bölek gelin-gyz,
Jümşüldi döreýär Ýeriň iýninde…
Daşdan görseň, göz edýän deý görene
Dünýäň depesinde toý tutýar oguz…
Şa toýuň şowhuny asmana sygman,
Şagalaňy Ýer ýüregin gopdurýar.

Şeýle setirlerde adam dünýäsiniň tebigat dünýäsi bilen bütewiligi, barabarlygy bar. Munuň özi M.Haýdeggeriň Ýewropa ruhunda gözläp-gözläp tapmadyk zadydyr. Şonuň üçinem «Türkmeniň bäş eýýamynyň ruhy» diwany babatda-da, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň tutuş şahyrana döredijiligi babatda-da şeýle umumylaşdyryjy kesgitlemäni aýdyp bolar:
Beýik Serdaryň şahyrana döredijiligi dünýä edebiýatynyň beýik bir hadysasydyr.

Soňy.

Osman ÖDE.

Publisistika